

**Sadaý BUDAGLY,**
*azerbaýjan ýazyjysy*

# GÜÝZ *ertekisi*

(Hekaýa)

Iňrik garaldy. Aýal äpişgäniň öňünde, garaňkyda durup daşaryny synlaýardy. Ol çyrany ýakmandy. Ýaksa, otagyň içinde näme edilýändigi daşardan görünjek durjakdy. Onda bu aýal äpişgeden edil häzirkisi ýaly arkaýyn seredip, pikirleriniň ýumagyny çöşläp bilmezdi. Birdenkä onuň ynjalygy gaçdy. Göwnüne kimdir biri oňa seredip, pikirlerini okaýan ýalydy.

Ýeriň ýüzüne çyralaryň zowwam-zowwam ýagtysy düşýärdi. Köçe başyna ýyrtyk-ýirik ýorgan bürän, mysaly uka gitdi.

Töwerekde garaňkylyk heşelle kakýardy. Ýöne adamlar birçakdan bäri tümlükden heder edýär. Şonuň üçin-de häzir köçede hiç kes ýok. Çendan gyssanmaç ötegçiniň aýak sesleri eşidilýär, dessine-de uzaklaşýar. Ýene ümsümlik, ýene çyra şöhlesiniň zowwam-zowwam ýagtylyk bilen örten ýeri, dilsiz-agyzsyz jaýlar, agaçlar... Ýöne aýal öňem müňlerçe gezek gören bu köçesine, çyralaryny biri-birine degip duran diwarlaryň aňyrsynda gizlän öýlere, öz kölegesine çolanan agaçlara seredip durmagy gowy görýär.

Öýüň içi-de ümsümlik. Aýalyň bu ümsümligi goramakdan gaýry işi ýokdy. Onuň äri agşamlyk edinip, öz otagyna ýumlugar-da, ol ýerden tä ýatylýança çykmaz. Ýa-ha bir zatlar okar, ýa-da başga bir zatlara güýmener... Aýaly üçin olaryň ählisi-de «bir zatlardy». Çünki äri oňa öz işleri barada gürrüň bermeýärdi. Irden gidip, agşam dolanardy. Işden sütüni süýnüp, ýadap gelerdi. Käte agşamlyk nahardan soň dessine ýatmak bilen bolardy, käte bolsa öz otagyna sümlerdi-de, özüniň «bir zatlaryna» mübtela bolup oturardy.

Äriniň günuzyn işde bolýandygy sebäpli, olara myhman seýrek gelerdi. Kämahal gelýänleri-de äriniň işdeşleridi. Iýerdiler, içerdiler. Spirtli içgileri halamaýan hem bolsa, äri-de bir bulgur-ýarym bulgur götererdi. Soň onuň teý ukusy tutmazdy, uzakly gije gaýgylanyp oturardy. Ýygy-ýygydan açyk howa çykardy. Şonda aýaly hem onuň yzy bilen daşaryk çykardy. Äriniň egnine bir zat atardy. Soňam gapdalynda durup, onuň ak tam bolan ýüzüne sererdi. Kä gezek äri käýinip, ony ýanyndan kowardy. Käte bolsa sesini çykarmazdy, duýgudaş hökmünde ýanynda durmagy, ähtimal, ärine ýaraýan bolarly. Şeýle bolanda äri oňa öz işleri barada gürrüň bererdi. Meýilnamanyň ýerine ýetirilendigi, başlygyň ony hormatlaýandygy we ýokarrak işe çekmekçi bolýandygy, özüniň aspiranturа girmäge taýýarlanýandygy, ulag edinmek hyýalynyň bardygy, başga-da kän zatlar hakynda aýdardy. Aýalyna bolsa äriniň şular ýaly pursatlarda ala-böle işden söhbet açmagy geň görnerdi. Ol her gezek äriniň düýpden başga zatlardan söz açaryna garaşdy. Ýöne äri diňe öz işi barada gürläр oturardy. Aýal garaşmagyny bes etmezdi.

Ertesi äri ýene işe diýip giderdi. Aýal ýene tenha galardy. Öý işleri onçakly köp däldi. Gün iki tarapyny deňleýänçä, aýal gap-gaçlary ýuwup ýygnardy-da, günortanlyk nahar taýýnlardy. Daşary çykyp, biraz gezmeläýmeli diýip oýlanardy. Soň ýüz görülýän aýnanyň öňünde durup, özüne timar bererdi, bezenerdi, beslenerdi, saçlaryny dagy her hili edip görerdi. Iň kyny köýnek saýlamakdy.

Aýalyň köýnegi köpdi. Şu gün olaryň biri iň gowusy bolup görnerdi, ertir bolsa başga biri. Halaýan köýnekleriniň hemmesini şkafdan çykarardy-da, ýatalgaň üstüne oklap goýbererdi. Soň ýeke-ýekeden geýip görerdi. Emma geýen köýnegi ony ýa-ha çendenaşa owadan görkezýärdi, ýa-da tersine, oňa asla gelişmeýärdi. Ahyry ol köýnekleriň birinde parhsyz saklanardy. Ýöne ony höwessiz geýenligi üçin aýalyň daşary çykmak meýli sowulýardy.

Mahal-mahal ol egnine täze köýnek geýendigini unudardy. Işden gelen adamsyny bezemen halda garşy alardy. Entegem äri oňa üns bermezdi, hiç zat soramazdy. Gün-

diz köçä çykmaga taýynlyk görşi diňe äri bilen düşege geçen wagty ýadyna düşerdi. Ol ýap-ýaňy çykaryp goýan köýnegine geňirgenip serederdi. Göwnüne, hakykatdan-da, bir ýerlerde seýil edip gelen ýalydy.

Onuň şu gün gören agaçlary düýn ýa-da her gün görýän agaçlary däldi. Töweregi germewli bägüllerem, Günem, äpişgäniň öňünde süýnüp ýatan ýolam öňki däl...

Köçede çabga guýlup durardy. Ýagyş damjalary şemalyň badyna diwarlara, äpişgeleriň aýnalaryna urlardy. Soň Gün ýiti şöhlelerini öl daşlara urup, olary ýyladardy. Gar ýaganda aýal hökman işige seredip durardy. Çünki ýolda, asfaltyň ýüzünde gar tiz ereýärdi. Ýer bolsa ony aç adamyň Allanyň iberen owkadyna minnetdarlygy bilen saklardy.

Gar ýaganda aýal saz diňlemegi halaýardy. Gar bilen sazyň täsin baglanyşygy bardy. Eger sazyň heňi çaltlansa, garam çalt ýagýardy. Sazyň owazy haýalladygy, garyň ýagşy hem haýallamak bilendi.

Gyşda Gün bu aýalyň äri ýaly sowukdy, äwmezekdi. Baharda bolsa çaga ýaly göwnaçykdy, mylaýymdy. Aýalyň özüne meňzeşdi. Ol säherde Gün şöhlesine gözüni açardy-da, daşaryk äňederdi. Ýatan ýerinden oňa agaç şahalarynyň ýetip bilmedik asmany hem bassyrmanyň üçegi görnerdi. Şolara seredip, aýal daşarynyň aýazlydygyny ýa-da däldigini kesgitlärdi. Eger adatdakysyndan sähel giç tursa, güneşiň ýokdugyny, howanyň ümürlidigini äpişgeden seretmänem bilerdi. Ine, şunuň ýaly, howanyň nähili boljakdygy bilinmeýän säherde ol özüne timar bermeýärdi, hiç ýere şaýlanmaýardy.

Işden surnugyp gelen adamsy gijelerine dünýäni duýman öli ýaly ýatardy. Aýalynyň bolsa gözüne uky gelmezdi. Ýalňyzlyk, tümlük, ümsümlik ony daşaryk — erkinlige kowardy. Äri ýatansoň, aýal ýygy-ýygydan işige çykardy. Ol ýerde birnäçe sagatlap tümlüge seredip durardy. Ýa-da ýaz ýagşynyň üçege düşüp edýän sesine diň salardy. Ýa köçe çyralarynyň şöhlesinden gaçyp giden tümlüge garardy. Gijäniň asudalygyny bozmazlyga çalşardy, özi hem onuň içinde bilniksiz ýitip giderdi...

Öten gije şeýlebir maýyl, şeýlebir maýyl boldy welin, aýal saklanyp bilmedi. Ärini oýarmazlyk üçin, usullyk bilen ýöräp, işige çykdy.

Äpet tegelek Aý hoz agajynyň şahalarynyň arasyndan çalaja görünýärdi. Ýere ýagtylyk saçýan Aý däldi-de, ine, şu hoz agajydy, onuň kümüşsöw şuglaly ýapraklarydy.

Hiç zat — ýerem, asmanam, jaýlar-da ýokdy. Töweregi gurşap alan agaçlar gussaly mawy boşlukda ýüzüşip ýördi. Kölegelerini geýim deý sypyryp taşlan agaçlar suwuň gyrasynda duran ýalaňaç gyzlara meňzeýärdi. Olar aýly ýylgyryşlary bilen aýaly edil joralary kimin ýanlaryna çagyrýardy, gyssaýardy. Olara meňzemek üçin, olaryň ýanyna barmak üçin, olar ýaly owadan bolmak üçin täze köýnek geýip, özüňe timar berip oturmagyň hiç geregi ýokdy.

Aýal edil suwa girýän deý emaý bilen ýöräp, gögümtil boşlugyň bir çetinden girdi-de, aýly joralarynyň ýanyna bardy. Töweregini mawumtyl ýagtylyk gaplap aldy. Ol ýuwaşja aýdym aýtmaga başlady. Soň güldi, tans oýnady. Şeýdip, uçup-gaýyp ýörkä, ömründe henize çenli şeýle owadan bolmandygyna gözi ýetdi.

Häzir ol äpişgäniň aňyrsynda garaňkylyga dulanyp, köçäni synlap durşuna şeýle ajaýyp gijäniň we öz diwanalygynyň näçeräk wagta çekendigini ýadyna salyp bilmedi. Diňe öýe girende uklap ýatan ärini görüp, özüniň ýarym-ýalaňaçdygyna utanyşy ýadyna düşdi. Diňe şonda ol aýňalyp, aýaklarynyň sorkuldap agyrýandygyny, güýz gijesiniň salkynlygyny duýdy...

Garaşylman durka, uzak bir ýerden edil gijäniň ümmülmezligi ýaly täsin bir ses eşidildi. Aýal tisginip gitdi. Ol äpişgäniň öňünden aýryldy-da, çyrany ýakyp, howlukmaçlyk bilen bosaga çykdy.

Ýagtylyk edil çaga ýaly, tümlükden gorkup, öýe gysmyljyrady. Bagyň içi tüm garaňkydy. Ol ýerden käte bir almalaryň bişip ýere gaçýandygy eşidilýärdi.

Özüne şeýle syrly eşidilen sesiň nireden çykanyna göz ýetirmek üçin aýal howlynyň ortasyna bardy, diň saldy. Ýüregi şadyýan gürsüldäp, oňa ähli zady aýan etdi. Başyny galdyryp, asmana bakdy. Bikarar hem gamgyn sesleri bilen asmanu-zeminiň ümsümligini bozup, durnalar uçup barýardy. Bu syrly ses yzda galanlaryň ählisini çagyrýardy: «Biz uçup barýas. He-eý, biz uçup barýas. Sen nirelerde galdyň? Nirelerde?..»

Aýal durnanyň sesini iň soňky gezek haçan eşidendigini ýadyna salyp bilmedi.

Durnalaryň çala saýgaryp bolýan hataryndan gözüni aýyrman durşuna ol öz ýüreginiň niçik urýandygyny hem elleriniň nähili sowaýandygyny duýdy. Birden-de ärini ýanyna çagyrasy geldi. Ähtimal, ol köp mahal bäri durnalaryň kerwen gurap geçişini gören däldir, gykuwyny eşiden däldir. Asla görmedik bolmagy-da mümkin...

Äri onuň sesine derrew çykybermedi. Ol tümlükdäki aýalyny görmän, dalanda durdy. Hä berdi. Jogaba garaşmanam, otagyna dolandy. Ýöne öýde oturyp, mazasy bolmady. Ony hem täsin bir ynjalyksyzlyk gurşap aldy. Ýene dalana çykyp, aýalyny çagyrdy. Ýene hiç zat eşitmedi. Onsoň aşak düşüp, bagyň garaňkylygyna göz dikdi. Şol wagt ýene-de gamgyn gurruldy eşidildi: «He-eý, sen nirelerde galdyň? Nirelerde?..»

Durna kerweni uzaklaşyp barýardy.

Asmanam, ýyldyzlaram, ýyldyzly asmanda gözden uçup barýan durnalaryň hatary-da örän owadandy, gözeldi.

Şo-ol durnalaryň uçýan belentliginden garasaň, şöhlesi bilen töweregi ýagtyldyp duran şu jaýyň-da edil şolar ýaly owadan görünýän bolmagy mümkin.

***Terjime eden***
***Kakamyrat ATAÝEW.***